# On alty ýaşly ýazyjynyň eseri kitap satuwynda öňdäki orny eýeleýär

Category: Edebiýat täzelikleri,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 22 января, 2025
On alty ýaşly ýazyjynyň eseri kitap satuwynda öňdäki orny eýeleýär ON ÝAŞLY ÝAZYJYNYŇ ESERI KITAP SATUWYNDA ÖŇDÄKI ORNY EÝELEÝÄR




Liseý okuwçysy Sena Ýawuzyñ ilkibaşda «Wattpad» internet saýtynda okyjylara hödürlän «Kiçijik ogry» (“Küçük Hırsız”) atly romany kitap satuwynda görlüp-eşdilmedik rekordyñ eýesi boldy.

«Kiçijik ogry» romany häzir satuwda sanawyñ başyny çekýär. On bäş müñ ekzemplýarlyk birinji neşir çykan badyna satylyp gutaryldy diýen ýaly…

Kitap satuwyna hut özi gatnaşyp we okyjylarynyñ alkyşlaryny

alan ýazyjy ikinji eseri üçin ýeñini çermäp işlemäge başlady. Bu edebi rekord derhal žurnalistleriñ gözüne ildi.

Sena Ýawuz döredijilik dünýäsine nähili gadam basyşy barada Türkiýäniñ «Akşam» gazetiniñ habarçysy Aýsun Ýyldyz Güngöre gürrüñ berdi.

Dünýä boýunça 35 million ulanyjysy bolan we höwesjeñ ýazyjylaryñ kyssa eserlerini paýlaşýan «Wattpad» saýtynyñ okyjy gatlagy Türkiýede barha artmak bilen.

Hususanam ýaş zehinleriñ hekaýalaryny, romanlardan bölekleri, gelýän edebi synlary we tankydy bellikleri paýlaşýan «Wattpad» saýty ýazyjylyga dalaş edýän ýaş zehinlere neşirýatlaryñ ünsüniñ düşmegini üpjün edýär.

- **Ilkinji neşir gutardy diýen ýaly…**

Sena Ýawuz geçen ýyl «Wattpad» saýtynda roman ýazmaga başlady. Günlerde bir gün bu saýtyñ üsti bilen «Martı» neşirýatyndan bolan bir işgär ýaş ýazyja romanyny kitap görnüşine getirmegi teklip etdi.

Roman «Kiçijik ogry» ady bilen çap edildi we kitap satuwyna çykaryldy. Ýañy on alty ýaşan Sena Ýawuzyñ «Kiçijik ogry» romany edebi rekordyñ çürbaşyna çykdy. On bäş müñ ekzemlýarlyk ilkinji neşir eýýäm satylyp gutaryldy diýen ýaly…

- **Ýazyjylyga bolan höwes nädip oýandy?**

Aslynda bu ukyp Senanyñ kitap okamaga bolan höwesinden döredi. Öz aýtmagyna görä, ol çagalygyndan bäri kitap okaýardy we iñ esasy-da ýazmaga höwesi bardy.

On alty ýaşyna çenli irginsiz okamak ony özüni edebiýatyñ aýrylmaz bölegi ýaly duýmagyna getirdi we «Wattpad» saýtynyñ üsti bilen bu asylly duýgusyny üstünlikli amala aşyrmagyñ hötdesinden geldi.

- **«Kiçijik ogry» romany näçe wagtda ýazyldy?**

Sena bu romanyny «uzak wagtlap», ýagny bir ýyldan gowrak wagtda ýazandygyny aýdýar.

- **Eser neşirýatlaryñ gözüne nähili ildi?**

Aslynda «Martı» neşirýaty ýaş zehinleri ýüze çykarmak we olary goldamak üçin giñ gerimli maksatnamanyñ başyny başlapdy. Neşirýatyñ işgärleri «Wattpadyñ» üsti bilen Senany tapdylar. Neşirýat Senanyñ romanyny maksatnamanyñ çäginde neşir ediljek eserleriñ ilkinjisi edip aldy.

- **Kitabyñ satuwy niçiksi ýagdaýda?**

Romanyñ birinji neşiri 15 müñ ekzemlpýarlyk we ol eýýam satylyp gutaryldy diýen ýaly… Neşirýat bolsa eýýäm romanyñ ikinji neşirine taýynlanýar.

- **Ogry gyzjagazyñ kyssasy**

Eseriñ gahrymany Azra biziñ döwrümizde ýaşaýar. Ejesi ýogalandan soñ Azrany kakasy taşlap gidýär. Ol köp wagtlap enesiniñ ýanynda bolýar. Enesi hem ýogalandan soñ hossarsyz galan Azra ogurlyga baş goşýar. Işe diýip giren ýerinde-de aýagy ýer tutmaýar. Ol mekdebi taşlamaga mejbur bolýar, bu bolsa onuñ gelejekde işsiz galmagynyñ esasy sebäpleriniñ biri bolýar. Azra ogurlyk etmegiñ gabahat işdigini bilmän duranok, ýöne enesiniñ dermanlarynyñ gutarandygy üçin iñ soñky gezek ogurlyk etmegi niýetine düwýär. Emma gapjygyny ogurlamaga çalşan kişisiniñ öz ykbalyny bütinleý özgertjek biri bolup çykjakdygyny ol ýatsa-tursa oýuna-da getirenok. Ol kişi Azranyñ «baý çülpejikleri» diýip atlandyrýan gatlakdan bolan Ekindir.
Romanyñ soñky wakalary Azra bilen Ekiniñ töwerinde ýaýbañlanýar. Edebiýat täzelikleri